# «Ücünji jahan urşy başlady!»

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Ücünji jahan urşy başlady!" «ÜÇÜNJI JAHAN URŞY BAŞLADY!»




*Ölmezinden bir ýyl öň (2014) Wenada çykýan «Der Standard» gazetine beren interwýusynda üçünji jahan urşunyň başlanandygyny we munuň bir manyda «biri-biriň elindäki çöregi alyp iýme» urşudygyny, ýagny, «nebis söweşidigini» aýdan nemes ýazyjysy Gýunter Grassyň aýdan sözleri şu gün dünýämizi gysyp-gowran koronawirus belasynyň başymyzdan sowlup gidibermeýändigi we dünýäniň köp ýerinde garamaýak halkyň gündelik iýjek çöregini, şekerini, ýagyny, ýumurtgasyny, çekjek çilimini… nobata durup (hatda urşup-gyrlyşyp, ýakalaşyp) alýandygy bilenem belli bir derejede hakykata öwrüldi diýsek, gaty bir öte geçmesek gerek.*



- **«HEMMELERE ÝETERLIK AZYK BAR, EMMA AÇLYK GUTARARLY DÄL»**

Gýunter Grass söhbetdeşligiň dowamynda «Adalatsyzlyklar gözümiziň alnynda bolup geçýär. Dünýäniň birnäçe ýerinde, Afrikada, Ýakyn Gündogarda, Ukrainada bolup geçýän

adalatsyzlyklar barha möwjeýär. Hemme zady görüp, eşdip, bilip ýörüs…
Hemmelere ýeterlik azygyñ bardygyna garamazdan, häzirem açlyk dowam edýär, suw ýetmezçiligi bar, yklymara üýtgeşmeler bolup geçýär… Özem bularyñ hemmesi bir wagtyñ özünde bolýar. Üçünji jahan urşy bireýýäm başlady. Bu uruş nebis urşudyr, «bölüşip bilmezligiñ», kanagatsyzlygyñ urşudyr. Taryhçylar jem bolup bu urşuñ haçan başlanandygyny biljek bolsunlar» diýdi.




• **«ISTERIÝANYÑ SEBÄBI NATO-nyñ GIÑELME SYÝASATYDYR»**

Russiýa bilen NATO-nyñ arasyndaky gatnaşyklara-da degip geçen G.Grass «Putiniñ ýola goýan režimindenem gorkman duramok. Emma oña dogry düşünjek bolýarsyñ welin, şu hakykat orta çykýar: Ruslar howatyrlanýar. Olar daş-töweregine halka aýladasy gelenok, gysaja düşesleri gelenok. Erte Gruziýa we Moldowa NATO goşulanlar öýdüp gorkýarlar» diýкn ýazyjy sözüne şeýle dowam etdi: «Synlap duran isteriýamyzyñ esasy sebäbi, NATO-nyñ agressiw giñelme syýasatyndan başga zat däl.» Geň-taňsy wakalar